**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 25-nji oktýabryndaky**
**№107 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 11-turb "Umumy peýdalanyşdaky uly möçberli geçiriji turba ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat"(aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 11-turb "Umumy peýdalanyşdaky uly möçberli geçiriji turba ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat" döwlet statistik hasabat formasy boýunça her aýda artýan jem bilen tebigy gazy, nebiti daşamak üçin umumy peýdalanyşdaky uly möçberli geçiriji turbalaryň eýeleri tarapyndan düzülýär we hasabat formanyň salgy bölegindäki görkezilen salgy boýunça we bellenilen möhletde tabşyrylýar.

## 1 BÖLÜM. ILKIBAŞDA UGRADYLAN ÝÜKLER

"Umumy peýdalanyşdaky uly möçberli geçiriji turbalar bilen ilkibaşda ugradylan ýükler hemme gatnawlar" 01-nji setire hasabat berýän kärhananyň geçiriji turbasyna nebit, gaz gazyp almak ýa-da öndürmek boýunça kärhanadan, ýa-da daşary ýurtdan ýüküň ilkinji gezek gelmegi goşulýar, hasabat berýän kärhananyň geçiriji turbasyna ýurdumyzyň umumy peýdalanyşdaky geçiriji turbasyndan ýüküň gelmegi goşulmaýar, sebäbi bu umumy peýdalanyşdaky hasabat berýän geçiriji turbalar boýunça üstaşyr ýükleriň ugradylmagy hasaplanylýar.

Umumy peýdalanyşdaky geçiriji turba boýunça ilkibaşda ugradylan ýüklere uly möçberli geçiriji turbanyň hususy zerurlyklaryna sarp edilýän geçiriji turba boýunça ugradylýan ýükler (tehnologik zerurlyklara, geçiriji turbanyň käbir ýerlerini gaz arkaly arassalamak, ýük bilen önümçilik jaýlaryny gyzdyrmak, jemagat-durmuş zerurlyklaryna, magistral geçiriji turbanyň geçýän ýaşaýyş şäherçelerinde), şeýle hem ugradylanda we saklananda ýitirilýän ýük goşulýar.

01-nji setir kabul ediş-tabşyryş delilnamalarynyň, tükelleşdirme we haryt balansynyň delilnamalarynyň esasynda doldurylýar.

Täze girizilen geçiriji turba göýberilen ýük 01-nji setirde doly hasaba alynýar.

Tebigy gazy göwrüm birliklerinden agram birligine geçirmek üçin aşakdaky gatnaşyklardan peýdalanylýar:

$$1m^3 = 0{,}8kg$$

$$1000m^3 = 800kg = 0{,}8t$$

$$1t = \frac{1000}{0{,}8} = 1250m^3$$

02-nji, 03-nji setirlerde boýunça eksport we import boýunça ýükleriň ugradylyşy görkezilýär.

“Ýuk dolanyşygy” 04-nji setirde geçiriji turbanyň ahyrky nokadyna geçiriji turba boýunça gelen ýüküň möçberiniň şu geçiriji turbanyň uzynlygyna köpeltmesi hökmünde kesgitlenilýär.

## 2 BÖLÜM. ULY MÖÇBERLI GEÇIRIJI TURBALAR ULAGYNYŇ HYZMATLARY

01-nji setirde “Uly möçberli geçiriji turbalar arkaly ýüküň eltilmeginden (gelmeginden) gelen pul serişdesi” aşakdaky ýaly kesgitlenilýär: öz ministrliginiň, pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň ýüküni beýleki magistral geçiriji turbalar müdirliklerine ýerleşdiriş nyrhlaryndan gelýän pul serişdesi, ýerleşdirilen ýüküň satyn alyş nyrhyny aýyrmak; bu satyn alyş nyrhy öz ministrliginiň, pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň beýleki uly möçberli geçiriji turbalar müdirliklerine möçberini almazdan, ýerleşdirilen ýüküň möçberini öz ýokarda durýan guramasyndan habar berlen möçberini ýüküň tonnasynyň ortaça nyrhyna köpeltmek arkaly kesgitlenilýär.

02-nji setirde “töleneni” görkeziji berilýär.

“Uly möçberli geçiriji turba arkaly satyn alyjylara eltileni (tabşyrylany)” 03-nji setirde satyn alyja (gaz paýlaýjy, gaz beriji baza: geçirip ýüklenýän baza, wagonlaryn guýujy nokadyna sisternalara, awtomobil - sisternalara, tanker gämilerine: birleşdirilen bazalara, ilatly ýerleriň nebit bazasyna; aýratyn we agrokärhana) geçiriji turba arkaly berlen ýüküň möçberi görkezilýär.

03-nji setire geçiriji turba boýunça geçiriji turbanyň hususy zerurlyklaryna (tehnologik zerurlyklara, önümçilik jaýlarynyň ýyladyş we suw üpjünçiligi, geçiriji turbanyň käbir ýerlerini gaz arkaly arassalamak, ýaşaýyş şäherçeleriniň jemagat-durmuş zerurlyklaryna), şeýle hem ugradylanda we saklananda ýitirilýän ýük goşulmaýar.

03-nji setir hasaplaýjylaryň görkezmeleri boýunça uly möçberli geçiriji turbalaryň wekilleriniň we satyn alyjylaryň gol çeken, kabul ediş-tabşyryş delilnamalarynyň esasynda doldurylýar.

04-nji setirde Türkmenistanyň çäklerinden daşyndaky satyn alyja geçiriji turba boýunça berlen ýüküň möçberi aýratyn berilýär.

05-nji setir “Uly möçberli geçiriji turbalar arkaly ýüküň geçen aralygy” (öz ministrliginiň, pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň beýleki uly möçberli geçiriji turbalar müdirliklerine eltilen ýüküň geçen aralygyny goşmak bilen, ýagny üstaşyr ýüküň geçen aralygyny goşmak bilen) geçiriji turbanyň ahyrky nokadyna geçiriji turba boýunça gelen (ýa-da onuň meýdany boýunça) ýüküň möçberini bu geçiriji turbanyň uzynlygyna (ýa-da onuň meýdanyna) köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Eger ýük geçiriji turbanyň ýa-da onuň meýdanynyň ugurdaş hatarlary boýunça ugradylsa, ýüküň umumy geçen aralygy her bir hatar boýunça geçilen aralygy jemlemek arkaly kesgitlenilýär.

2-nji bölüm çärýeklik hasabaty boýunça doldurylýar.

## 3 BÖLÜM. UMUMY PEÝDALANYŞDAKY ULY MÖÇBERLI GEÇIRIJI TURBALARYŇ UZYNLYGY

01-nji setir “Ýylyň ahyryna umumy peýdalanyşdaky uly möçberli geçiriji turbanyň uzynlygy - km” geçiriji turbanyň tehniki pasportynyň maglumatlarynyň esasynda doldurylýar we hasabatda ýylda bir gezek berilýär.

02-njiden 09-nja çenli setirlerde önümleri geçirýän (tebigy gaz, nebit) turbageçirijiniň içki diametriniň ölçegi görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**